**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**KARARY**

“11” maý 2017 ý. № 202 Aşgabat ş.

**Iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keselleriň sanawyny hem-de Kesellemegi bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmeginiň tertibini tassyklamak hakynda**

Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksiniň talaplaryny ýerine ýetirmek hem-de jezany ýerine ýetirýän edaralarda iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgel berýän keseller bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmegini kämilleşdirmek maksady bilen, karar edýärin:

1. Iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keselleriň sanawyny;

Kesellemegi bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmeginiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we kadalaşdyryjy resminamalaryny şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyk getirmek boýunça zerur işleri geçirmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary S.Toýlyýew, B.Hojamämmedow, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy, Türkmenistanyň Içeri işler ministri, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministri, Türkmenistanyň Baş prokurory, Türkmenistanyň

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri hem-de Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Turkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Türkmenistanyň Prezidentiniň,
Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň
Belent Serkerdebaşysynyň
2017-nji ýylyň 11-nji maýynda
çykaran 202-nji karary bilen
tassyklandy

## Iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keselleriň SANAWY

### I. Inçekesel

Öýkeniň möwç alýan iki taraplaýyn fibroz-köwekli inçekeseli ýa-da plewranyň bronhial swişli ötüşen empiýemasy hem-de öýken-ýürek ýetmezçiliginiň II-III derejesinde bolup durýar.

Esasy fibroz köweginiň ýa-da plewranyň bronhial swişli total empiýemasynyň esasy prosessiniň ýerleşýän ýeri bolan şol öýkende ýa-da beýleki öýkende goşmaça fibroz köwekleriniň emele gelip, barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň bilen birlikde, iki öýkende hem bronhogen disseminasiýasynyň öýjükleri, köp ýa-da az bildirýän fibroz (sirroz), plewranyň gatamagy, ikilenç emfizema, bronhoektazlar, pnewmosklerozlar we öýkeniň beýleki ötüşen prosessleriniň bronhogen disseminasiýasynyň täze öýjükleriniň täze köwekleriniň kadaly antibakterial bejergi alýan döwründe ýüze çykýandygy, emele

gelýändigi bellenýär. Beýle ýagdaý öýken inçekeseliniň dürli görnüşleriniň gutarnykly derejä barandygyny görkezýär, onuň oňaýsyz şertlerde bolmagy öýken-ýürek ýetmezçiliginiň II-III derejesine, wagtal-wagtal gakylykda ganyň bolmagyna ýa-da öýken gan akmasyna hem-de gakylykda inçekesel mikobakteriýasynyň hemişe çykmagy bilen ýitileşýär.

Öýkeniň möwç alýan iki taraplaýyn fibroz köwekli inçekeseli ýa-da ötüşen empiýema kesgitlemesini goýmak üçin, anamnezinde inçekeseliň uzak wagtlap bardygyny, onuň wagtal-wagtal ýitileşýändigini hem-de durnukly işe ukyplylygyny ýitirendigini nazara almaly. Rentgenografiýa we tomografiýa barlagynyň hökmanylygynyň sebäbi, öýken dokumalarynyň fibrozly we destruktiw üýtgemeleriniň açyklygyny ýüze çykarýar.

Öýkeniň möwç alýan infiltratiw (köwekli pnewmoniýasy) öýken-ýürek ýetmezçiliginiň III derejesi bolanda bir öýkeniň subtotal zaýalanmagy bilen, köp we uly köwekleriň çalt ösmegi, näsagyň agyr ýagdaýy, kadaly antibakteriýal bejergi döwründe, öýken ýetmezçiliginiň III derejesi we zäherlenmäniň alamatlarynyň açyk ýüze çykmagy bilen häsiýetlendirilýär. Şol bir wagtda iki öýkeniň bronhogen disseminasiýasynyň öýjükleri, öýkenden gan akmagy hem-de gakylykda inçekeseliň mikobakteriýasynyň hemişe bölünip çykmagy bolmaly. Şu keseliň kesgitlemesini esaslandyrmak üçin rentgenografiýa we tomografiýa hem-de kliniki, barlaghana barlaglary hökmany geçirilýär.

Oňurganyň möwç alýan destruktiw inçekeseli, uly süňkleriň we bogunlaryň, içki organlaryň amiloidoz bilen ýitileşmegi iki taraplaýyn köwekliinçekeseli, peşew çykaryjy ýollarda ýörite prosessiň ýitileşmegi we ahyrky derejede ötüşen böwrek ýetmezçiliginiň emele gelmegi hem-de doly we durnukly işe ukyplylygynyň ýitirilmegi. Zaýalanan ýeriň giňişleýin ýaýramagy ähli organlarda we dokumalarda iglemek üýtgemeleriň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Ýara yzlarynyň birleşmegi emele gelýär, bogun çanaklary ýara yzlaryna öwrülýär, ol bolsa bogunlarda hereketiň çäklendirilmegine getirýär.

Spondilitde inçekesel abssesleri, spastik ysmazlar, oňurga beýnisiniň bozulmalary ýüze çykýar.

Süňk bogun inçekeseliniň anyklanylyşy ganyň kliniki we biohimiki barlaglaryna, tuberkuliniň synaglaryna, inçekesel empiýemasyndan alynýan iriňiň barlaglaryna, zaýalanan bogundan çykýan ekmek ýoly bilen, limfatik düwünleri we bogunlardan çykýan suwuklyklary sitologiýa barlaglaryna, iki taraplaýyn (göni we gapdal) rentgenografiýa maglumatlaryna esaslanýar.

Peşew ulgamynyň möwç alýan inçekeseliniň anyklanylyşy, kliniki barlaglaryna (magsus - peşewde iriň, peşewde proteinbelok, izostenuriýa, peşewde silindr), gakylyk molekulýar-genetiki barlagyny, peşew haltasynyň we böwregiň giňişleýin rentgenografiýasyna hökmany, ekskretor urografiýasyna, retrograd piýelografiýasyna we indigokarmina synag geçirmek bilen sitoskopiýanyň maglumatlaryna esaslanýar.

## II. Täze döremeler

TNM (çiş, mäz, metostaz) halkara klassifikasiýasy boýunça ähli howply täze döremeler derejesine garamazdan, IV topar (ýagny näsagyň umumy ýagdaýy örän agyr bolup, ýöriteleşdirilen bejergi geçirip bolmaýan ýagdaýynda). Kliniki kesel kesgitlemeler düzgün boýunça gistologiýa barlaglary bilen tassyklanýar. Gistologiki barlagy geçirip bolmaýan halatynda, geçirilen degişli barlaglaryň netijesinde goýulan takyk kesel kesgitlemesi bilen çäklenmeli.

Gan emele getiriji we limfatik dokumalaryň howply täze döremeleri:

miýeloproliferatiw çişler.

Ýiti leýkoz (ähli görnüşi):

1) gan akmak alamaty, dalagyň ulalmagy, ganazlyk, iglemekligiň ösmegi bilen ötüşen miýeloleýkoz;

2) ahyrky derejede dowamly eritromiýeloz;

3) kelle beýniniň damarlarynyň trombozy we ganöýme bilen gaýraüzülen eritremiýa;

4) eganazlyk bilen gaýraüzülen dowamly limfoleýkoz, trombositopeniýa we üznüksiz gaýtalanýan infeksiýalar;

5) ahyrky derejede ganazlyk we ganakmaklyk alamaty bilen dowamly monositoz leýkozy;

6) süňk destriktiw prosessleri (aýak süňkleriniň we oňurganyň patologiki döwülmegi) bilen köp sanly miýeloma;

7) bir ýa-da birnäçe ekstralimfatik agzalaryň giňişleýin zaýalanmagynda, limfatik düwünleriň ýaýramagy bilen limfogranulomatoz IV derejede.

Ýumurtgalyklaryň howply täze döremesi. Topar 1C (T2c).

Ýatgy boýunjygynyň howply täze döremesi (ýatgy boýunjygynyň karsinomasy). Topar 1B2 (Tlb2) (täze döremäniň göwrümi makroskopiki ölçenýän 4 sm) we soňky yzyndan gelýän toplar.

Ýatgynyň howply täze döremesi. Topar 2 (T2).

Wulwanyň howply täze döremesi. Topar 3 (T3N1).

## III. Endokrin ulgamynyň keselleri

Insuline garaşly süýji keseli ýa-da 2 tip, agyr derejede, dekompensasiýa ýagdaýy (insüliniň mukdary gije-gündiziň dowamynda 60 birlikden ýokary), has aýdyň: öýken inçekeseli ýa-da dowamly sepsis, makroangiopatiýa, retinopatiýa we ketoasidoza ýykgynly agyr görnüşi, nefropatiýa ahyrky derejede, ýaýran agyr polineýropatiýa.

Süýji däl keseli agyr dereje.

Issenko-Kuşinga sindromynyň has aýdyň ýitileşmegi: Oňurgadan we içi deşik süňkleriň patologiki döwülmegi, myşsalaryň iglemegi, III derejeli gan aýlanşygynyň ýetmezçiligi bilen kardiomiopatiýa, aýaklaryň ýa-da aýaklaryň hem-de elleriň hereketleriniň çuňňur durnukly bozulmalary bilen beýniniň gan aýlanyşynyň bozulmagy.

Iglemeklik derejesinde gipofizar ýetmezçilik (Simmondsyň keseli).

Dowamly böwrek asty mäziniň ýetmezçiligi agyr dereje.

Gipoflziň makroadenomasy.

Gippotipeoz agyr dereje.

Diffuz- zäherli zob. Tireotoksikoz agyr dereje.

Feohromasitoma.

Podagra, podagriki nefropatiýasy.

## IV. Psihiki taýdan bozulma keselleri

Şizofreniki psihozlar: yzy üzülmesiz (ýönekeý; gebefreniki; katotoniki; paranoidni amatsyz ösmek bilen, progrediýent-tutgaý görnüşleri).

Üznüksiz ösüşli, garyşyk ruhy ýagdaýly depressiw we maniakal fazalarynyň ýygy-ýygydan çalyşmagy bilen sirkulýar görnüşli affertiw bozulmalary.

Kelle beýniniň organiki zaýalanmagy netijesinde ýüze çykýan ruhy bozulmalar.

Sienil demensiýasynyň ähli görnüşleri: (ýönekeý; gallýusin tor-brend bozulmagy; sienil demensiýasynyň irkipresienil görnüşi;

Pikiň keselinde, Alsgeýmeriň keselinde kelle beýnisiniň öýjükleýin atrofiýasynyň netijesinde ýüze çykýan demensiýa).

Ateroskleroz demensiýasy (psihozsyz, depresiýaly, gallýusinator-brend bozulmasy; ýiti aň üýtgemeklik ýagdaýy).

Korsakow psihoz (arak zerarly, şikes we beýni merezýoly netijesinde).

Organiki kemakyllyk (ensefalitiň; meningoensefalitiň; kelle beýniň şikesiniň, beýniniň merezýoly netijesinde).

Ötüşen ruhy keseliň häsiýetine eýerýän, beden bölümlerini öz içine alýan progrediýent ösüşli uzaga çekýän reaktiw psihozlar.

Gelip çykyşy dürli ötüşen psihozlar.

Ulgamlaýyn infeksiýanyň progrediýent ýa-da gaýtalaýan ösüşi bilen ýüze çykýan simptomatiki psihoz.

Uzaga çekýän, gaýtalaýan yza dolanmasyz psihikanyň üýtgemeleriniň ösmegi bilen geçýän zäherlenme psihozy.

Beden kesselleriniň durnukly psihotiki alamatlarynyň netijesinde ýüze çykýan.

Beýleki uzaga çekýän psihozlar.

Şahsyýetiniň bozulmalary (psihopatiýalar); Şahsyýetiň patologiki ösmeginde, konistitusion esasa laýyklykda paranoýýal ýa-da paranoid brend emelegelmeleri (paranoýýal psihopatiýa); beýleki tipologik psihopatiýalaryň esasynda.

Akyl taýdan agyr we çuňňur yza galaklyk.

Epilepsiýa sebäpli ýüze çykýan demensiýa.

Tutgaý (garaguş) keseli:

Uzaga çekmek bilen tutgaý (garaguş) psihozy, ötüşen häsiýete eýe bolmagy, geçirilýän bejerginiň täsirsiz bolmagy.

Paroksizmal çylşyrymlaşma we generalizirlenmek bozulmalary bilen, psihikanyň aýdyň we ösmeklik bilen üýtgemeleri.

Tutgaý (garaguş) keseli zerarly kemakyllyk.

## V. Duýuş agzalarynyň we nerw ulgamynyň keselleri

Kelle we oňurga beýnisiniň damarlarynyň keselleri: emboliýalar beýni ganaýlanyşygynyň gemorragiki, işemiki, ýa-da garyşyk ýiti bozulmasy; damarlaryň III-nji derejeli dowamly ensefalopatiýasy; beýniniň has aýdyň durnukly öýjükli zaýalanmak ýagdaýy bilen kesel kesgitlemesi goýulan, ilkinji (şikes ýetmezden) subarahnoidal gan öýmesi (geni, paraplegiýalar: çuňňur geni- paraparezlar; wagty we giňişligi kesgitlemeginiň bozulmagy; akinetik-rigid alamatlary).

Merkezi nerw ulgamynyň ýokanç demiýelinizirleýji keselleri, çuňňur durnukly işiniň bozulmagy bilen, kelle we oňurga beýnisiniň organiki zaýalanmagy (duýgurlygynyň ýaýraň bozulmagy bilen agyr ysmazlar we çuňňur parezler çanaklyk agzalarynyň işiniň bozulmaklygy, trofiki bozulmalar has aýdyň akinetik-rigid alamatlary) we prosessiň möwç alyp ösmegi:

1) ikilenç iriňli meningitler;

2) kelle beýnisiniň absessleri;

3) spinal, epidural absessler, gelip çykyşy inçekesel däl granulýomalar;

4) neýromerezýoly;

5) inçekeselde nerw sistemasynyň zaýalanmagy, inçekesel meningidi, meningoensefalid.

6) dagynlyk skleroz;

7) silinderiň leýkoensefaliti.

Beýniň aýdyň durnukly zaýalanmagy bilen, merkezi nerw ulgamynyň şikesi zerarly keselleri ( gemiparez, paraplegiýalar; çuňňur gemi-paraparezler).

Basym möwç alýan ösüşi kesel, hereketiň, duýmaklygyň we wegetatiw - trofiki işiniň aýdyň durnukly bozulmalary we geçirilen bejerginiň täsiriniň ýoklugy:

1) Kelle beýniniň çişleri;

2) Kelleçanak - oňurga çişleri;

3) Oňurga beýniniň çişleri;

4) Siringobulbiýa;

5) Gepatoserebral distrofiýasy (gepatolentikulýar degenerasiýasy; Wilson Konowalowyň keseli);

6) Spinoserebral ataksiýasy;

7) Gapdal - amiotrofiki skleroz;

8) Miosteniýa.

Şowa körlük ýa şoňa meňzeş ýa-da görüşiň ýitiligi durnukly patologiki üýtgemeklik esasynda ýiti görýän gözi 0.03-den ýokary görmeýär we düzedip bolmaýan ýagdaýynda ýa-da konsentriki iki gözüň hem görüş meýdany 10C çenli daralan ýagdaýynda.

Nesil yzarlaýan myşsalaryň distrofiýasy.

Miyelitler: aşaky paraparezli, çanaklyk agzalaryň işjeňliginiň bozulmalary.

## VI. Gan aýlanyş agzalarynyň keselleri

Ýürek keselleri gan aýlanyşynyň ýetmezçiligi bilen III derejede:

1) Konstriktiw perikarditi, hirurgiki bejergä degişli bolmadyk;

2) Dogabitdi ýa-da gazanylan ýürek poroklary kemislikleri;

3) Uzak dowam edýän, bakterial endokarditi;

4) Kardiomiopatiýa (durgun, obstruktiw gipertrofiki); Ýürek ýetmezçiligi III, IV dereje;

5) Endomiokardial fibrozy;

6) Miokardiki kardioskleroz; Ýürek ýetmezçiligi III, IV dereje;

7) Ýüregiň işemiýa keseli; Miokardyň ýiti infarkty, ýürek ýetmezçiligi III, IV dereje. Infarktdan soňky kardioskleroz;

8) Ýürek ritmiň bozulmagy. Residiwirleýji mersatel aritmiýa. WPW sindrom. Paraksizmal tahikardiýa.

Gipertoniki keseli II derejede:

1) Ahyrky derejede ötüşen böwrek ýetmezçiligi bilen;

2) Gan aýlanşynyň ýetmezçiligi bilen III derejede.

Durnukly ritmiň bozulmagy bilen uly öýjükli ýa-da ikilenç gaýtalan ýiti transmural miokardyň infarkty we gan aýlanşygynyň möwç alýan ýetmezçiligi.

Gangrenoz-nekrotik derejede iki eliň ýa-da iki aýagyň magistral damarlarynyň zaýalanmagy bilen, arteriýanyň keselleri:

1) Obliterirleýji endoarteriit;

2) Obliterirleýji ateroskleroz.

## VII. Dem alyş agzalarynyň keselleri

Ahyrky derejede ötüşen öýken ýetmezçiligi we içki agzalaryň amiloidozy bilen ýa-da III-derejeli dem alyş ýetmezçiligi ötüşen öýken ýürek dekompensasiýa derejesinde, öýkeniň emfizemasy, diffuzy pnewmosklerozy bilen öýkeniň mahsus däl ötüşen keselleri:

1) Öýkeniň dowamly obstruktiw keseli;

2) Bronhial dem gysma;

3) Bronhoektaz keseli;

4) Öýken absessi;

5) Plewranyň empiýemasy;

6) Dürli säbäpli pnewmokoniozlar;

7) Idiopatik fibrozlaýjy fibriozirleýän alweolit;

8) Sarkoidoz;

9) ilkinji emfizema.

## VIII. Iýmit siňdiriş agzalarynyň keselleri

Içege we beýleki iýmit siňdiriş agzalarynyň keselleriniň arryklama derejesinde sorulma alamatlarynyň aýdyň bozulmagy.

Bagyr-öýjük ýetmezçiligi, portal-gipertenziýasy, dalagyň ulalmagy bilen, dürli etiplogiýaly bagryň sirrozynyň dekompensasiýa döwri.

## IX. Ahyrky derejede ötüşen böwrek ýetmezçiligi bilen böwrek keseller

Dowamly glomerulonefrit.
Dowamly piýeolonefrit.
Gidronefroz.
Böwregiň kistoz keseli.
Dowamly böwrek ýetmezçiligi.

## X. Kese muskulaturanyň generalizirleýji zaýalanmagy bilen disfagiýa, dizartriýa ýa-da merkezi nerw ulgamynyň durnukly öýjük görnüşinde zaýalanmagy (gemiparez, paraplegiýa, gemi-paraparezler) ýa-da gan aýlanyşynyň ýetmezçiligi III derejede ýa-da ahyrky derejede ötüşen böwrek ýetmezçiliginiň barlygy bilen we gyşarnyksyz möwç alýan generalizirleýji prosess bilen süňk-myşsa ulgamynyň we birleşdiriji dokumanyň keselleri

1. Rewmatoid artriti.
2. Gemorragikl waskulit.
3. Ankilozirleýji spondiloartrit (Behterowyň keseli).
4. Ulgamlaýyn gyzyl wolçanka.
5. Dermatomiozit.
6. Düwünli perearteriit.
7. Ulgamlaýyn sklerodermiýa.

## XI. Jezany çekýän döwründe şikesleriň ýa-da keselleriň netijesinde ýüze çykan bedeniň anatomiki kemçilikleri

Eliň ýa-da aýagyň ýokardan kesilip aýrylmagy hem-de bir wagtda bir eliň we bir aýagyň bilelikde ýokardan kesilip aýrylmagy.

## XII. Şöhle keseli

Ýiti şöhle keseli:
1) Islendik derejedäki agyrlykda (I-IV) ýitileşen wagtynda ýiti şöhle keseli;
2) I-IVderejedäki agyrlykda deriniň şöhle bilen ýerli zaýalanmagy.

Ýiti şöhle keseliniň netijeleri:

1) ilkinji nobatda nerw we damar, sazlaýyş ulgamynyň asteniki alamatynyň ýokary iglemekligi we funksional ýetmezçiligi;

2) nerw we damar ulgamynyň organiki zaýalanmagynyň alamatlary, beýniniň we periferiki gan aýlanyşygynyň bozulmasy bilen;

3) periferiki ganyň görkezijileriniň durnuksyzlygy-aýdyň sitopeniki alamaty süňk ýülüginiň gipoplaziýa alamaty bilen. ( leýkositlaryň sany 3,0 x 10/9 dan az, trombositlaryň sany 1,5 x10/12 den az);

4) çuňňur trofiki degeneratiw we sklerotiki ýerli üýtgemeler giçki radiasion başlar, agyry alamaty;

5) kontrakturalar we kesilip aýrylan kemislikler;

6) III derejeli şöhle kataraktasy, oňat gözünde 0,1-0,5 görnüş ýitiligi bilen. Giçki netijeler döwründe (möwç alyş derejesi) we II-IV-nji derejeli agyrlykda emele geliş döwründe ötüşen şöhle keseli. Şöhle täsiriniň giçki netijeleri/gan emele getiriş dokumasynyň howply täze döremesi, süňk dokumasynyň, öýkeniň, bagryň/.

Giçki şöhle netijeleri (gan emele getirýän dokumalaryň, süňk dokumalarynyň, öýkeniň, bagryň howply täze döremeleri).

Şöhle keseli we şöhle täsiriniň netijesi kesel kesgitlemesi radiasion lukmanlaryň gatnaşmagynda toparlaýyn goýulýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň,
Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň
Belent Serkerdebaşysynyň
2017-nji ýylyň 11-nji maýynda
çykaran 202-nji karary bilen
tassyklandy

**Kesellemegi bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmeginiň TERTIBI**

1. Kesellemegi bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmeginiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Şu Tertip jezany ýerine ýetirýän edaralardaky iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keseller bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmaga hödürlenilýän iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmeginiň ýeke-täk tertibini kesgitleýär.

2. Iş kesilenleri jeza çäresini çekmekden boşatmaga hödürlemek üçin esas bolup durýan Iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keselleriň sanawynda (mundan beýläk - Sanaw) görkezilen keselleriň häsiýetine eýe bolanda, iş kesilenler lukmançylyk taýdan güwä geçilmegine degişli bolup durýar.

3. Jezany ýerine ýetirýän edaralarda jezasyny çekýän iş kesilenler jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keseller bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmagy barada şol edaranyň başlygyna arza bilen ýüz tutup bilerler.

4. Jezany ýerine ýetirýän edaralarda jezasyny çekýän iş kesilenleriň ýakyn garyndaşlary, hossarlary we howandarlary, şeýle hem olaryň ornuny tutýan adamlar tarapyndan iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keseller bilen baglanyşykly jeza çekmekden boşadylmagy barada Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine arza bilen ýüz tutup bilerler.

5. Şu Tertibiň 3-nji we 4-nji bölümlerinde görkezilen arzalara kanunçylykda bellenen tertipde we möhletde garalýar hem-de ýüz tutan adamlara onuň netijesi barada habar berilýär.

6. Jezany ýerine ýetirýän edaralarda Lukmançylyk taýdan güwä geçmek boýunça ýörite Topar (mundan beýläk - Topar) tarapyndan lukmançylyk taýdan güwä geçilmegi bilen, Sanawda görkezilen keseller bilen ejir çekýänler ýüze çykarylýar. Toparyň düzümine:

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň;

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň;

Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň;

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň;

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň;

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň;

Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Hukuk goraýjy we harby edaralaryň işini seljeriş bölüminiň wekilleri girýär.

Toparyň düzümi, şol Toparyň düzümine wekilleri girýän ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanylýar.

7. Iş kesilene özi barada lukmançylyk taýdan güwa geçilmegi bellenen pursatdan habar edilýär.

8. Jezany ýerine ýetirýän edaralarda iş kesilenlerde Sanawda görkezilen keseller ýüze çykarlandan soň ol näsaglar Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mary welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň MR-Kh/15 Merkezi hassahanasynyň (mundan beýläk - MR-Kh/15) ýatymlaýyn şertde doly barlagdan geçirilýär. Iş kesilenlerde Sanawda görkezilen keselleriň gutarnykly kesgidi we geçirilen bejerginiň netijenamasy Topar tarapyndan kabul edilýär. MR-Kh/15-iň Ruhy keseller bölüminde ýatymlaýyn bejergi alýan iş kesilenleriň saglyk ýagdaýy baradaky iş toplumyna ruhy tarapyndan anyklaýyş namasynyň esasynda seredilýär.

9. Iş kesilenleriň lukmançylyk taýdan güwä geçilmegi boýunça Topar tarapyndan netijenama (şu Tertibe 1-nji goşundy) çykarylýar.

Iş kesilen ýa-da onuň kanuny wekili Toparyň lukmançylyk taýdan güwa geçilmeginiň netijenamasy bilen doly tanyşdyrylýar.

10. Sanawda görkezilen keseller ýüze çykarlandan soň, iş kesileni jeza çekmekden boşatmak baradaky teklipnama jezany ýerine ýetirýän edara tarapyndan iş kesilenleri düzetmekde, şeýle hem jezalary we jenaýat-hukuk taýdan täsir etmegiň beýleki çärelerini ulanmagy ýerine ýetirýän edaralaryň işine jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmakda häkimlikleriň ýanyndaky jenaýat jezalaryny ýerine ýetirýän edaralaryň işinde kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçiligi güýçlendirmek hem-de jeza çäresini çekýänler we ondan boşap, gözegçilikde duranlar bilen iş geçirýän gözegçilik toparlary (mundan beýläk - gözegçilik topary) bilen bilelikde kazyýete ugradylýar. Teklipnama bilen bir wagtda kazyýete Toparyň netijenamasy we iş kesileniň şahsy işi iberilýär. Teklipnamada iş kesileniň eden jenaýatynyň agyrlygyny häsiýetlendirýän we iş kesileniň jeza çekýän döwründe özüni alyp barşy hakyndaky maglumatlar bolmalydyr.

Ruhy taýdan bozulma keseline uçrandygy zerarly iş kesileni jeza çekmekden boşatmak baradaky teklipnama kazyýete jezany ýerine ýetirýän edara tarapyndan gözegçilik topary bilen bilelikde girizilýär. Teklipnama bilen bir wagtda Toparyň netijenamasy we iş kesileniň şahsy işi iberilýär.

Iş kesilenleriň, jezany ýerine ýetirýän edaralaryndan keseli zerarly boşatmak barada kazyýete ugradylan materiallar keseli zerarly jeza çekmekden boşatmak barada kazyýete ugradylan materiallary hasaba alyş kitapda (şu Tertibe 2-nji goşundy) hasaba alynýar.

11. Sanawda görkezilen kesel dörän iş kesilenler babatda geçirilen gulluk barlagynyň dowamynda iş kesilenleriň jeza çäresini çekýän döwründe bilkastlaýyn özüne zeper ýetirmeginiň netijesinde ol kesel dörändigi ýüze çykarylsa, şol keseli zerarly jeza çekmekden boşatmaga hödürlenmeýär.

Ruhy keseller lukmanlar topary tarapyndan iş kesilende ýiti psihiki bozulmalar tassyklanan ýagdaýynda, ol özüne zeper ýetirmeginiň netijesinde Sanawda görkezilen kesel dörän bolsa, şol keseli zerarly jeza çekmekden boşadylmaga degişlidigi barada Topara hödürleýär.

12. Iş kesilen barada kazyýet tarapyndan keseli zerarly jeza çekmekden boşatmaga degişli däl diýlip hasap edilip kesgitnama çykarylandan soň, wagtyň geçmegi bilen onuň saglyk ýagdaýy beterleşende, şol kesgitnamanyň haçan çykarylandygyna garamazdan, iş kesileniň saglyk ýagdaýy barada iş toplumy gaýtadan seretmek üçin kazyýete ugradylyp bilner.

Kessellemegi bilen baglanyşykly
jeza çekmekden boşadylmaga
hödürlenýän iş kesilenleriň
lukmançylyk taýdan güwä
geçilmeginiň Tertibine
1-nji goşundy

__________________________________________

Edaranyň ady № 035-1 / U-I görnüş

_________________________

Lukmançylyk taýdan güwä geçmek boýunça ýörite Toparyň netijenamasy

Ady, atasynyň ady,
familiýasy ____________________________________________________

Doglan ýeri we
senesi. _______________________________________________________

Kim tarapyndan we haçan
azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresi bellenen____________

______________________________________________________________

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň maddalary_________jeza çäresini çekmegiň möhleti______başlaýan wagty_______gutarýan wagty__________ Şahsy işiň №_______________Iş kesilmezden öň kim bolup
işlän____________________________________________________________

(işlemedik bolsa sebäbi)

Iş kesilmezden öň işlän ýeri__________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

(işlemedik bolsa sebäbi)

Arzy____________________________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

Anamnezi (geçiren keselleri, ýaralanmalar we operasiýalar, esasy keseliň başlan wagty we onuň dowamlylygy, nirede we näçe wagtlap bejergide bolan, geçirilen bejergiler)

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

Hemmetaraplaýyn barlaglaryň maglumatlary (boýy, agramy, beden agzalarynyň ýagdaýy, rentgen we barlaghana netijeleri boýunça maglumatlar)

_________________________________________________________________

Keseliň gutarnykly kesgidi_____________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň «____ nji»_____çykaran___ -nji karary bilen tassyklanan, Iş kesilenleriň jeza çekmegine päsgelçilik döredýän keselleriň Sanawynyň _______bölegine laýyklykda, jeza çäresini çekmekden boşatmaga hödürlemeli.

Toparyň başlygy

Toparyň agzalary

Kessellemegi bilen baglanyşykly
jeza çekmekden boşadylmaga
hödürlenýän iş kesilenleriň
lukmançylyk taýdan güwä
geçilmeginiň Tertibine
2-nji goşundy

Keseli jeza çekmekden boşatmak barada kazyýete ugradylan materialllary hasaba alyş

KITABY

| T/b | Ady, atasynyň ady, familiýasy, doglan ýyly | Näsagy ugradan edara | Hassahana ugradylan wagty, Keseliň kesgidi | Hassahana düşen wagty | Lukmançylyk taýdan güwä geçmek boýunça ýörite toparyna hödürlenen wagty. Keseliň kesgidi | Lukmançylyk taýdan güwä geçmek boýunça ýörite toparynyň çykaran netijesiniň senesi, keseliň kesgidi | Kazyýete materiallaryň hödürlenen wagty | Kazyýetiň çözgüdiniň senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |